Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2024-nji ýylyň 13-nji dekabryndaky
№ 68-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1-oh “ Oba hojalygynda ekerançylyk we maldarçylyk önümleriniň öndürilişi, mallaryň we guşlaryň baş sanynyň hereketi barada hasabat” (aýlyk) döwlet hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

№ 1-oh döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny daýhan birleşikleri, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň kärhanalarynyň kömekçi hojalyklary, oba hojalyk önümlerini öndürýän hususy kärhanalar, hojalyk jemgyýetleri, telekeçiler, daýhan hojalyklary, geňeşlikler, beýleki kärhanalar we hojalyklar her aýda doldurýarlar we hasabat aýynyň 29-yna ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda durýan edarasyna tabşyrýarlar. Şahsy kömekçi hojalyklary maglumatlary hojalyk kitabynyň ähli görkezijileri boýunça çärýekleýin görkezýär. Şunuň bilen birlikde her aýdaky önümçilik ilatyň hojalyklaryndaky mallaryň we guşlaryň baş sanynyň hem-de öndürilen oba hojalyk önümleriniň aýlyk hasaplamasynyň usuly esasynda doldurylýar.

Hasabat döwri boýunça döwlet statistik hasabatlylygynyň formasynda getirilen geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary geçen ýylyň maglumatlaryny anyklamadan, ýuridik şahslaryň düzüminiň ýa-da görkezijiniň emele gelşiniň usulyýetiniň üýtgemekliginden başga ýagdaýlarda geçen ýylyň şu döwri boýunça berlen formalaryň maglumatlary bilen deň gelmelidir.

Haçan-da hasabat ýylynda geçen ýyl bilen deňeşdirilende önümiň möçberini kesgitlemegiň usulyýetiniň ýa-da ýuridik şahslaryň düzüminiň üýtgemegi bolan bolsa, şu ýylyň döwlet statistik hasabatlylygynyň formasynda oba hojalyk görkezijileri boýunça geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary hasabat ýylynyň usulyýeti we düzümi boýunça görkezilýär.

Eger önümiň möçberini kesgitlemegiň usulyýetiniň ýa-da ýuridik şahslaryň düzüminiň üýtgemegi hasabat ýylynyň dowamynda bolan bolsa, onda önüm barada maglumatlar hasabat ýylynyň başyndan bäri täze usulyýetden we düzümden ugur alyp, ýagny usulyýetiň we guramaçylyk düzüminiň üýtgemeginden ozalky döwri hem goşup getirilýär. Geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary hem täze usulyýete we edara görnüşli tarapyň düzümine laýyklykda görkezilýär.

## 1 bölüm. Oba hojalyk ekinleriniň meýdany we jemi ýygnalan hasyl

Maglumatlar ýylyň başyndan başlap ösýän jem bilen görkezilýär.

1-nji sütünde **“**Ekilen meýdan” oba hojalyk ekinleriniň ähli ekilen meýdany görkezilýär.

2-nji sütünde “Hasyl ýygnalan umumy meýdan” oba hojalyk ekinleriniň hasyl ýygnalan meýdany görkezilýär.

3-nji sütünde “Ähli meýdandan ýygnalan hasyl” oba hojalyk ekinleriniň ähli ýygnalan hasyly bitin sentnerlerde görkezilýär. Oba hojalyk önümleriniň ýygymy başlangyç-girdeji (fiziki) edilen agramda görkezilýär. Döwlet sektoryna degişli kärhanalarda bugdaý fiziki agramda, şeýle hem arassa agramda (gutarnykly işlenenden soň) görkezilýär, hususy sektorda bolsa ýygnalan hasyl diňe fiziki agramda görkezilýär.

4-nji sütünde "3-nji sütünden, gaýtadan ekilen ýerlerden ýygnalan hasyl" gaýtadan ekilen, aralyk, hatarara ekinlerden ýygnalan hasyl görkezilýär.

5-nji sütünde "3-nji sütünden, eksport edileni" eksport edilen önümiň möçberi görkezilýär.

01-nji setirde “Umumy ekin meýdany (şu ýylyň hasyly üçin)” hasabat döwri üçin ösýän jem bilen görkezilýär.

02-nji setirde “Geçen ýylyň güýzünde ähli ekilen güýzlük ekinleriniň jemi ekileni - dänelik we gök ot üçin” şu ýylyň hasyly üçin geçen ýylyň güýzünde ekilen güýzlük bugdaýyň we arpanyň ekilen meýdanynyň möçberleri görkezilýär.

03-nji setirde “şolardan ýazlyk ekinleriň ekişi tamamlanýança doly zaýa bolany” –şu hojalykda ýazlyk ekinler köpçülikleýin ekilip başlanmazyndan öň güýz-gyş döwründe doly zaýa bolan, şu ýylyň hasyly üçin geçen güýzde ekilen güýzlük bugdaýyň we arpanyň ekilen meýdany görkezilýär (olaryň ýazlyk ekin görnüşde gaýtadan ekilendigine ýa-da ekilmändigine garamazdan).

04-nji setirde «Ýazlyk ekinleriň ekişi tamamlanýança dänelik üçin güýzlük ekinlerden zaýalanman galany», güýz-gyş döwründe doly zaýa bolanlary aýyrmak bilen, ýazlyk ekinleriň ekişi tamamlanýança saklanyp galan dänelik ekinleriň meýdany görkezilýär.

Şu ýylyň hasyly üçin ýazlyk ekinler - diňe şu ýylyň hasyly üçin ýazlyk ekilenleriň ekilen ähli meýdany görkezilýär. Selçeň ekinler zaýa bolan hasap edilmeýär.

05-nji setirde “Däneli ekinler – hemmesi” - ekin meýdany we ýygnalan hasyl fiziki agramda görkezilýär.

06-njy setirde «Däneli ekinler – hemmesi» - ekin meýdany we ýygnalan hasyl döwlet sektorynda arassa agramda, hususy sektorda fiziki agramda görkezilýär.

07−24-nji setirlerde «şol sanda bugdaý, mekgejöwen, arpa, süle, dänelik sorgo (jöwen) we beýleki däneli ekinler aýry-aýrylykda görkezilýär.

07–18 setirlerde «şol sanda güýzlük we ýazlyk bugdaý» - ekin meýdany we ýygnalan hasyl görkezilýär. Döwlet böleginiň kärhanalarynda bugdaý fiziki agramda hem-de arassa agramda (gutarnykly işlenenden soň), hususy sektorda bolsa ýygnalan hasyl diňe fiziki agramda görkezilýär.

08, 11, 14, 17 “döwlet tabşyrygy boýunça” setirlerde, döwlet tabşyrygy boýunça öndürilen önümler görkezilýär.

09, 12, 15, 18 “öz hajatlary üçin” setirlerde, öndürijiniň ygtyýarynda galýan önümiň bölegi görkezilýär.

24-nji setirde beýleki däneli ekinleriň (çowdary, dary we ş.m.) ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

25-nji setirde “Kösükli ekinler” ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

26, 27, 30-njy setirler “şol sanda nohut, noýba we beýleki kösükli ekinler” aýry aýrylykda görkezilýär.

33-nji setirde “Ýagy alynýan ösümlikler we olaryň tohumlary” ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

34-nji “şol sanda ýer hozy”, 35-nji “günebakar”, 36-njy “künji” we 39-njy “beýleki toparlara goşulmadyk özünde ýag saklaýan gaýry çigitler” setirlerde ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

40-njy setirde “Şaly” ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

43-nji setirde “Gök ekinler we bakja, köki miweliler we köki hasylly ekinler” ekin meýdany we ýygnalan hasyly, 44, 49, 58, 69, 85 we 87-nji setirlerde ekinler görnüşler boýunça görkezilýär.

49-njy setirde “Bakja ekinleri - hemmesi” ähli ekilen bakja ekinleriniň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär. Şeýle hem, 52-nji we 55-nji setirlerde gawun we garpyz aýratynlykda görkezilýär.

86-njy setirde “Açyk toprakda ekilen gök önümler - hemmesi” diňe açyk toprakda ekilen gök ekinleriň ekilen meýdany we ýygnalan hasyly, 44, 58, 69 we 85-nji setirlerde gök ekinleriň toparlary boýunça görkezilýär. Tapgyrlaýyn ýygnalýan gök önümleriň (hyýar, pomidor we ş.m.) hasyl ýygnalan meýdany, gök önümleri ýygnamak doly tamamlanandan soň bu setire goşulmalydyr.

87-nji setirde “Ýeralma” ýeralmanyň ýazky we tomusky ekilen meýdanynyň we ýygnalan hasylynyň jemi görkezilýär.

90-njy setirde “Gant şugundyry”, bu zawodlarda gaýtadan işlemek üçin niýetlenen gant şugundyrynyň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär. Mallara ot-iýmlik üçin ekilen gant şugundyry ot-iýmlik ekinlerde görkezilýär.

93-nji setide “Gowaça”, 96-njy setirde “şondan: inçe süýümli” olaryň ekin meýdany, ýygnalan hasyly görkezilýär.

99-njy setirde “Beýleki tehniki ekinler” beýleki tehniki ekinleriň meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

100-nji setirde “Ot-iýmlik ekinler – hemmesi” ähli ot-iýmlik ekinleriň ekilen meýdany görkezilýär. 101-nji setirde «şondan: ýorunja» - ýorunjanyň meýdany we jemi ýygnalan hasyly görkezilýär.

102-nji setirde «Miweli we hoz agaçlar - hemmesi» − çigitli, şänikli, subtropiki ekinleriň ähli ýaşdakylarynyň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

103-nji setirde “Ir–iýmişler (ýer tudanasy, böwürslen we beýlekiler)” ýer tudanasynyň we beýleki ir-iýmişli ekinleriň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

104-nji setirde “Jemi miweler we ir-iýmişler” jemi ekinleriň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

105-nji setirde “Üzümler” oturdylan usulyna garamazdan ähli ýaşdakylarynyň meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

102-105-nji setirleriň 1-nji sütüninde ähli ýaşdaky aýrybaşga baglaryň, miweli agaçlaryň we üzümleriň meýdany görkezilýär, 2-nji sütün boýunça, şu ýyl olardan hasyl alnandygyna ýa-da alynmandygyna garamazdan, miwe berýän ýaşdaky baglar görkezilýär.

106-njy setiriň 1-nji sütüninde “Güller – jemi” gülleriň ähli görnüşleriniň tutýan meýdany, 2-nji sütünde gyrkylyp alnan gülleriň meýdany, 3-nji sütünde ýetişdirilen gülleriň sany, 5-nji sütünde bolsa eksport edilen gülleriň sany görkezilýär, 107-nji setirde şondan bägüller aýratynlykda görkezilýär.

## 2 bölüm. Üsti ýapyk şertlerde öndürilen ekerançylyk önümleri

Bu bölümde ýapyk toprakda we ýyladyşhanada öndürilen ekerançylyk önümleri görkezilýär.

01-nji setiriň “Ekilen meýdan” 1-nji sütüninde ýyladyşhanalaryň we üsti ýapyk şertlerde birinji ekin dolanyşygynyň meýdany gektarda görkezilýär. Üsti ýapyk şertlerde ikinji we soňky dolanyşykda ekilen ekinleriň meýdany hasbatda görkezilmeýär.

02-nji setiriň “Gök önümler – hemmesi” 2-nji sütünde ýylyň dowamynda ikinji we üçünji ýetişdirilen hasyllaryny hem goşup olaryň jemi görkezilýär. Şol sanda 03-12-nji setirlerinde pomidor, hyýar, kelem, badamjaň, bolgar burç, sarymsak, turp we gaýry gök önümler diýip aýratynlykda görkezilýär. Şol setirleriň 1-nji sütüninde olaryň ekilen meýdany 2-nji sütüninde ýygnalan hasyly 3, 4-nji sütünlerinde gök önümleriň mukdary we gymmaty ýylyň başyndan artýan jem bilen görkezilýär.

13-nji setiriň “Limon” 1-nji sütüninde limon bagynyň meýdany, 2-nji sütüninde ýygnalan mukdary görkezilýär. 3 we 4 sütünlerde öndürilen önümleriň ýerleşdirilen mukdary we gymmaty ýylyň başyndan artýan jem bilen görkezilýär.

14-nji setiriň “Banan” 1-nji sütüninde banan bagynyň meýdany, 2-nji sütüninde ýygnalan mukdary görkezilýär. 3 we 4 sütünlerde öndürilen önümleriň ýerleşdirilen mukdary we gymmaty ýylyň başyndan artýan jem bilen görkezilýär.

15-nji setiriň “Gaýry önümler (ýer tudanasy, ir-iýmişli miweler)” 1-nji sütüninde öndürilen gaýry ekinleriň meýdany, 2-nji sütüninde ýygnalan mukdary görkezilýär. 3 we 4 sütünlerinde gaýry ekinleriň ýerleşdirilen möçberi we gymmaty ýylyň başyndan artýan jem bilen görkezilýär.

16-njy setiriň “Jemi limon, banan, miweler we ir-iýmişler” 1-nji sütüninde öndürilen jemi ekinleriň meýdany, 2-nji sütüninde ýygnalan jemi mukdary görkezilýär. 3 we 4 sütünlerinde ekinleriň ýerleşdirilen möçberi we gymmaty ýylyň başyndan artýan jem bilen görkezilýär.

17-nji setiriň “Kömelek” 2-nji sütüninde ýygnalan mukdary görkezilýär. 3 we 4 sütünlerde kömelegiň ýerleşdirilen möçberi we gymmaty ýylyň başyndan artýan jem bilen görkezilýär.

18-nji setiriň “Güller − hemmesi” 1-nji sütüninde gülleriň ähli görnüşleriniň ekilen meýdany (geçen ýyllardakyny goşmak bilen) 2-nji sütünde ýygnalan gülleriň sany görkezilýär. 3 we 4 sütünlerde ýetişdirilen gülleriň ýerleşdirilen möçberi we gymmaty ýylyň başyndan artýan jem bilen görkezilýär, 58-nji setirde şondan bägüller aýratynlykda görkezilýär.

19-njy setirde şolardan bägüller aýratynlykda görkezilýär.

5-nji sütünde oba hojalyk önümleriniň eksport edileni görkezilýär.

## 3 bölüm. Bede ýatyrmak, bar bolan we taýýarlanan ot-iýmler

Bu bölümi oba hojalyk önümlerini öndürýän (geňeşlikleri goşmazdan) ähli kärhanalar we hojalyklar doldurýarlar.

Ot iýmleriň taýýarlanylyşy we bede ýatyrylyşy barada maglumat ilkinji buhgalterçilik resmi kagyzlarynyň: traktorçy–maşinistiň hasaba alyş resmi kagyzynyň, zähmetiň we ýerine ýetirilen işleriň hasaba alyş resmi kagyzynyň, oba hojalyk önümleriniň gelişi boýunça ýöredilýän gündelikleriň, gaty baldakly we şireli ot-iýmleri kabul edip almagyň ykrar hatlary, şonuň ýaly-da "Işleri we harajatlary hasaba alyş žurnalyndaky" degişli ýazgylaryň, zähmetiň we ýerine ýetirilen işleriň hasaba alyşy boýunça kitapçasy şonuň ýaly-da oba hojalyk önümlerini kabul etmek boýunça buhgalterçilik hasabynyň depderçesiniň esasynda düzülýär.

Maglumatlar ýylyň başyndan başlap ösýän jem bilen görkezilýär.

01-nji setirde "Ekilen we tebigy otlaryň bede, senaž, silos, gök ot, ösümlik uny we beýlekiler üçin ilkinji ýatyrylyşy – orumy" umumylykda şu aşakdakylar görkezilýär:

- bede, senaž, gök ot-iým, silos, ösümlik uny üçin ilkinji orum geçirilen, geçen ýyllarda ot ekilen meýdany, şu ýyl ekilen bir ýyllyk we köpýyllyk otlaryň meýdany we bede üçin ekilen beýleki ekinleriň meýdany, şonuň ýaly-da däneli ekinler, hakyky ýygnalan bede, senaž, silos we ösümlik uny alnan ekinleriň meýdany;
- meýdan otlarynyň orlan meýdany. Şol ýerde otlaryň ilkinji orumyndan bede, senaž, silos we üwelen ot taýýarlanylýar.

Şu setire daýhan birleşiklere degişli ýerlerdäki orlan meýdanlara, öz etrabynyň we beýleki etraplaryň döwlet ýerlerindäki we tokaý edaralarynyň ýerlerindäki, şonuň ýaly-da beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň wagtlaýyn peýdalanmak üçin bölünip goýlan ýerlerindäki orlan meýdanlar hem girizilýär.

Ilkinji we soňky oty ýatyrlan meýdanlar şu setire girizilmeýär.

02-09-njy setirlerde şu ýylyň hasylyndan taýýarlanan ot-iýmleriň, şonuň ýaly-da maglumatlaryň düzülýän wagtyna çenli delilnama boýunça kabul edilip alnan beýleki oba hojalyk karhanalarynda öz güýçleri bilen taýýarlanan ot-iýmleriň ähli mukdary, olaryň näme üçin niýetlenendigine garamazdan (jemgyýetçilik mallaryny üpjün etmäge, esasy we goşmaça iş haky boýunça daýhan birleşikleriniň agzalaryna bermek üçin ätiýaçlandyryş ot-iýmlik gorlaryny döretmäge) görkezilýär.

Maglumatlaryň düzülmegine çenli harç edilen ot-iýmler, mysal üçin, jemgyýetçilik mallaryna berlen, esasy we goşmaça iş haky boýunça daýhan birleşikleriň agzalaryna berlen we satylan ot-iýmler, taýýarlanan ot-iýmleriň umumy mukdaryndan aýrylmaýar.

Güýz-tomus döwründe orlan we mallara berlen gök ot, taýýarlanan ot-iýmleriň umumy möçberine goşulmaýar.

Geçen ýyllaryň hasylyndan alnan ot-iýmleriň bar bolan galyndylary hakyndaky maglumatlar, şonuň ýaly-da satyn alnan we daşyndan alnan ot-iýmler hakyndaky maglumatlar hasaba goşulmaýar.

02-nji setirde "Ekilen we tebigy otlardan taýýarlanan bede" - öz etrabyň we beýleki etraplaryň oba hojalyk kärhanalaryna degişli meýdanlardan, döwlet we tokaý edaralarynyň ýerlerinden şonuň ýaly-da beýleki hojalyklaryň wagtlaýyn peýdalanmak üçin bölünip goýlan ýerlerinden orlan otlaryň ähli orumlaryndan taýýarlanan bedäniň mukdary görkezilýär.

Gaty baldakly otlar, mysal üçin, 6-njy setirde görkezilen ýandak, gamyş we ş. m. bu setire girizilmeýär.

05-nji setirde "Taýýarlanan senaž" silos garymlary doldurylanda 10%-ni aýyrmak bilen ammarlara salnan senaž agramyny çekmek esasynda girdeji edilen senažyň mukdary görkezilýär.

06-njy setirde "Taýýarlanan gaty baldakly otlar" taýýarlanan ähli sypalyň, ýazlyk we güýzlük ekinlerden alnan samanyň, doly bişen mekgejöwen palajynyň (siloslanandan beýlekileri), jöwen palajynyň, tohumlyk üçin ýygnalan köpýyllyk otlaryň baldagynyň we beýleki gaty baldakly otlaryň (ýandak, gamyş) we goşmaça ot-iým serişdeleriniň (mekgejöweniň dänesi alnan başlary, pagta şulhasy we beýlekiler) mukdary görkezilýär.

08-nji setirde "Taýýarlanan ot-iýmlik köki miweliler, bakja ekinleri, ot-iýmlik şugundyry goşmak bilen" iýmlik şugundyry, turnepsi we beýleki köki miwelileri, mal üçin iýmlik gant şugundyryny, iýmlik bakja ekinlerini (iýmlik kädi, iýmlik garpyz we başgalar) taýýarlamagyň umumy jemleri görkezilýär.

09-njy setirde "Alnan taýýar silos" silos jaýy doldurylandan soň azyndan 20 gün geçenden soň, silosyň normatiw agramynyň 1 kubmetrdäki we silos jaýynyň göwrüminiň esasynda alnan silosyň mukdary görkezilýär, ýagny taýýar silos hasaplanýar. Bu görkezme palajyndan aýratynlykda silos edilen çala bişen mekgejöwen başyny hasaba almaga hem degişlidir.

10-njy “Ot-iýmleriň ähli görnüşleri (şertli ot-iým birliginde)” diýen setirde ähli görnüşli ot-iýmler (ýokumy güýçlendirilen iýmler, iri baldakly ot-iýmler, bede, silos we beýleki görnüşler) görkezilýär.

Ot-iýmleriň ähli görnüşleri şertli ot-iým birligine geçirilende aşakdaky koeffisiýentlere laýyklykda hasaplanylýar:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ot-iýmlik köki miweliler | 0,12 | **Köpýyllyk otlar:** | |
| Ot-iýmlik bakja ekinleri | 0,12 | bede üçin | 0,45 |
| Siloslyk üçin mekgejöwen | 0,20 | gök ot we senaž üçin | 0,35 |
| gök ot üçin | 0,35 | siloslyk ekinler (silos) | 0,20 |
| **Birýyllyk otlar:** | | ösümlik uny | 0,70 |
| bede üçin | 0,45 | iri baldakly ot-iýmler | 0,29 |
| gök ot we senaž üçin | 0,35 | mal iými üçin gant şugundyry | 0,26 |

11-nji setirde “şol sanda dürüşde edilen ýokumly ot-iýmler” – dürüşde edilen ýokumly ot-iýmleriň (ot-iýmlik däneler, kepek, sarun, künjara, witaminli iým unlary we beýlekiler) möçberi görkezilýär.

12-nji setirde “ondan: satyn alnany” – satyn alnan ýokumy güýçlendirilen ot-iýmleriň ähli görnüşleri görkezilýär.

## 4 bölüm. Güýzlük ekiş we güýz sürümi

Bu bölümi, güýzlik ekiş we güýz sürümi baradaky maglumatlary iş geçirilýän möwsüminde düzýän, oba hojalyk önümlerini öndürýän kärhanalar we hojalyklar dolduryarlar.

Güýzlük ekiş we çuňňur güýz sürümi barada maglumat iş döwründe düzülýär.

01-nji setirde “Güýzlük däne we ot-iýmlik üçin ekilen ösümlikler” däneli we gök ot-iýmlik üçin güýzlük ekinleriň (çowdary, bugdaý, arpa) ekişi görkezilýär.

02-nji setirde “şondan däneli ekinler – hemmesi” diňe dänelik üçin ekilen güýzlük ekinler görkezilýär.

03-04-nji setirlerde dänelik üçin ekilen ekinler aýratynlykda (bugdaý, arpa) görkezilýär.

05-nji setirde “Güýz sürüminiň geçirilen ýerleri” güýzde hasyl ýygnalandan soňra, topragyň esasy bejergisini (sürüm, agyr diskli boronalar bilen malalamak we agdarmazdan bejermek) dürli tehnologiýalar boýunça bejergi geçirilen meýdan we geljek ýylyň baharynda oba hojalyk ekinleriniň ekmäge niýetlenilen meýdany görkezilýär. Gyşyň öň ýanynda ýazlyk ekinleriniň ekilmegi üçin taýýarlanan şüdügär ýerleriň meýdany sürüm üçin taýýarlanan umumy meýdanyň hasabyndan aýrylmaýar. Şu setire şu ýyl täze sürülen tarp ýerleriň meýdany goşulmaýar.

06-njy setirde ustumizdaki ýylyň güýzünde ekmek üçin şüdügär sürüm geçirilen ýerler görkezilýär.

07-nji setirde suwarymly ýerlerde ilkinji gezek ekin ekmek üçin şüdügär sürüm geçirilen ýerler görkezilýär.

08-nji setirde şolardan ot-iýmlik ekinler üçin ýerler görkezilýär.

09-njy setirde birýyllyk, 10-njy setirde köpýyllyk ot-iýmlik ekinler üçin ýerler görkezilýär.

11-nji setirde “Geljek ýylyň hasyly üçin ekilen gaýry ekinler” – geljek ýylyň hasyly üçin güýz ekilen gaýry ekinler görkezilýär.

12-nji setirde olardan sogan

13-nji setirde sarymsak

## 5 bölüm. Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi

01-nji setirde “Mallardan we guşlardan öndürilen et, diri agramda” - hojalykda et üçin soýlan mallaryň we guşlaryň diri agramy, 02-nji setirden 08-nji setire çenli etiň diri agramyny mallaryň we guşlaryň görnüşleri boýunça bölüp görkezilýär. Şeýle hem, zähmet haky üçin berlen mallar we guşlar et (diri agramda) görnüşinde şu setire goşulmaýar.

09-njy setirde “Mallardan we guşlardan öndürilen et, soýlan agramda” - hojalykda et üçin soýlan mallaryň we guşlaryň soýlan agramy, 10-njy setirden 16-njy setire çenli etiň soýlan agramyny mallaryň we guşlaryň görnüşleri boýunça bölüp görkezilýär. Bu görkezijiniň hojalyk

kitabynda görkezilmänligi sebäpli, şahsy kömekçi hojalyklary üçin diri agramdaky eti soýlan agrama geçirmek üçin, Oba hojalygynyň statistikasy we seljerişi müdirligi tarapyndan 2012-nji ýylda geçirilen seçimleýin barlagyň esasynda bellenilen koeffisiýentler peýdalanylýar. Şahsy kömekçi hojalyklarynda mallaryň we guşlaryň etini soýlan agrama geçirmek üçin ortaça koeffisiýenti kesgitlenen we şu hasaplamalarda peýdalanmak bolar: gara mallar – 56,4%, dowarlar – 52,3%, düýeler – 59,6%, gylýallar – 59,9%, doňuzlar – 69,1%, guşlar – 77,9% we gaýry görnüşler – 67,3%.

17-nji setirde "Jemi alnan süýt" ähli alnan süýdüň möçberi görkezilýär. Göleleriň, köşekleriň emýän süýdi hasaba goşulmaýar.

18-nji setirde "Sygyrlardan alnan süýt" - ähli sygyrlardan alnan süýdüň möçberi görkezilýär. Göleleriň emýän eneke sygyrlarynyň süýdi hasaba goşulmaýar.

19-njy setirde "Düýelerden alnan süýt" - ene düýelerden alnan ähli süýdiň möçberi görkezilýär. Köşekleriň emýän süýdi hasaba goşulmaýar.

20-nji setirde "Geçilerden alnan süýt" - ene geçilerden alnan ähli süýdiň möçberi görkezilýär. Owlaklaryň emýän süýdi hasaba goşulmaýar.

21-nji setirde "Guşlaryň ähli görnüşlerinden alnan ýumurtga" - hojalykdaky guşlaryň ähli görnüşlerinden alnan ýumurtganyň mukdary, şeýle hem alnan ýumurtgalardan inkubatora jüýje çykarmak üçin goýlan bolsa onda ol ýumurtgalary hasaba almak bilen görkezilýär.

22-nji "şolardan: guzlaýan towuklardan alnany" - diýen setirde hojalykdaky towuklardan alnan ýumurtganyň mukdary görkezilýär. Şeýle-de satyn alnan ýa-da beýleki hojalykdan alnan ýumurtgalar hasaba alynmaýar.

23-nji setirde "Jemi öndürilen ýüň" hojalykdaky ähli alnan ýüňiň jemi möçberi fiziki agramda görkezilýär, şeýle-de beýleki hojalyklardan satyn alnan ýüň goşulmaýar.

24-nji setirde "Goýunlardan alnan ýüň" - hojalykdaky goýunlardan alnan ýüň fiziki agramda görkezilýär. Goýunlardan beýleki görnüşli mallardan alnan ýüň, şeýle-de beýleki hojalyklardan satyn alnan ýüňler şu setire goşulmaýar. Deri gaýtadan işlenilende öldürilen goýunlardan alynýan ýüň (zaýa ýüň) jemi alnan ýüňe goşulmaýar.

25-nji setirde "şolardan: saryja goýundan" - hojalykdaky saryja goýunlardan alnan ýüň fiziki agramda görkezilýär, şeýle-de satyn alnan we beýleki hojalyklardan alnan ýüňler şu setire goşulmaýar.

26-njy setirde "Düýelerden alnan ýüň" - hojalykdaky düýelerden alnan ýüň fiziki agramda görkezilýär, şeýle-de satyn alnan we beýleki hojalyklardan alnan ýüň goşulmaýar.

27-nji setirde "Geçilerden alnan çöpür we sütük" - hojalykdaky geçilerden alnan çöpür we sütük fiziki agramda görkezilýär.

28-nji setirde "Garaköli bagana" - hojalykdaky alnan garaköli bagananyň möçberi görkezilýär.

29-njy "Ary baly" diýen setirde hojalykdaky ähli bal ary maşgalasyndan alnan ary balynyň möçberi görkezilýär.

30-njy "Balyk tutulyşy" diýen setirde hojalykdaky ähli tutulan balygyň möçberi görkezilýär.

31-nji "Piläniň öndürilişi" diýen setirde hojalykdaky ähli öndürilen piläniň möçberi görkezilýär.

## 6 bölüm. Mallaryň we guşlaryň baş sany we hereketi

1-nji sütünde "Ýylyň başyna mallaryň we guşlaryň sany" ýylyň başyna jyns-ýaş düzümine garamazdan mallaryň we guşlaryň sany görkezilýär, 2-nji, 3-nji sütünlerde mallaryň geleni görkezilýär, 4-nji, 5-nji we 6-njy sütünlerde mallaryň we guşlaryň çykany görkezilýär. 7-nji sütünde hasabat döwrüniň ahyryna mallaryň we guşlaryň sany görkezilýär.

2-nji sütünde "alnan ýaş mallar we jüýjeler" – mallaryň baş sanynyň we jüýjeleriň köpelen möçberi, hojalyga ýa-da kärhana degişli ene mallardan diri doglan göleleriň, owlaklaryň, taýçanaklaryň, jojuklaryň sany, şeýle hem kürk towuklardan we inkubatorlardan alnan jüýjeleriň sany görkezilýär.

3-nji sütünde "satyn alnany we gaýry" – oba hojalyk kärhanalaryndaky, gayry guramalardaky we hojalyklardaky satyn alnan gara mallaryň baş sany we guşlaryň sany

görkezilýär, gaýry gelip gowuşmalar boýunça gelip gowuşmalaryň beýleki ähli görnüşleri (kiçi ýaş toparyndan uly ýaş toparyna geçirileni, ýerine alnany, berleni we ş.m) hasaba alynýar.

4-nji sütünde “et üçin soýlany” – hojalykda et üçin soýlan we soýmak üçin gaýry satmalar görkezilýär.

5-nji sütünde “satylany we gaýry” – satylan mallaryň we guşlaryň sany, uly ýaş toparyna geçirileni, berleni, ýerine berleni, ogurlanany, ýetmezçiligi we mallaryň we guşlaryň başga hili çykyp gitmeleri görkezilýär.

6-njy sütünde “haram öleni” – gyrlan we ölen mallaryň we guşlaryň sany görkezilýär.

7-nji sütünde “hasabat döwrüniň ahyryna mallaryň we guşlaryň sany” – hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

01-nji setirde “Gara mallar” – hojalyga degişli gara mallar nirede bakylýanlygyna ýa-da saklanýandygyna garamazdan hasabat döwrüniň ahyryna ähli bar bolany hasabatda görkezilýär.

02-nji setirde “şolardan: sygyrlar” – hojalykda bakydaky we göleleri toparlaýyn emdirmek üçin bölünip aýrylan sygyrlardan başga ähli sygyrlar görkezilýär.

03-nji setirde “Gylýallar” – hojalykdaky ähli ýaşdaky gylýallaryň baş sany görkezilýär.

04-nji setirde “şolardan: ene baýtallar” – hojalykdaky ene baýtallaryň baş sany görkezilýär.

05-nji setirde “Düýeler” – hojalykdaky ähli ýaşdaky düýeleriň baş sany görkezilýär.

06-njy setirde “şolardan: inen düýeler” – hojalykdaky inen düýeleriň baş sany görkezilýär.

07-nji setirde “Dowarlar hemmesi” – hojalykdaky ähli dowarlaryň baş sany görkezilýär.

08-nji setirde “şol sanda: goýunlar” - hojalykdaky goýunlaryň görnüşleri boýunça baş sany görkezilýär.

09-njy setirde “şolardan: ene goýunlar” - hojalykdaky ene goýunlar we bir ýaşdan uly urkaçy işşekler görkezilýär.

10-njy setirde “saryja goýunlar” - hojalykdaky saryja goýunlaryň baş sany görkezilýär.

11-nji setirde “garaköli goýunlar” - hojalykdaky garaköli goýunlaryň baş sany görkezilýär.

12-nji setirde “beýleki goýunlar” – hojalykdaky beýleki tohumy goýunlaryň baş sany görkezilýär.

13-nji setirde “geçiler” – hojalykdaky ähli ýaşdaky geçileriň baş sany görkezilýär.

14-nji setirde “şolardan: ene geçiler” hojalykdaky ene geçiler we bir ýaşdan uly çebişler görkezilýär.

15-nji setirde “Doňuzlar” hojalykdaky ähli ýaşdaky doňuzlaryň baş sany görkezilýär.

16-njy setirde “şolardan: ene doňuzlar” – hojalykdaky ene doňuzlaryň baş sany görkezilýär.

17-nji setirde “Guşlar (ähli görnüşleri)” hojalykdaky ähli görnüşli guşlaryň baş sany görkezilýär.

18-nji setirde “şolardan: guzlaýan towuklar” – hojalykdaky guzlaýan towuklaryň baş sany görkezilýär.

19-njy setirde “Towşanlar” – hojalykdaky ähli ýaşdaky towşanlaryň baş sany görkezilýär.

20-nji setirde “Eşekler” – hojalykdaky ähli ýaşdaky eşekleriň baş sany görkezilýär.

21-nji setirde “Bal ary maşgalasy, sany” – ähli bal-ary maşgalasynyň sany görkezilýär.

**Maglumat üçin**

Bu maglumaty şahsy kömekçi hojalyklardan, daýhan hojalyklardan, hususy kärhanalardan we telekeçilerden başga ähli kärhanalar we hojalyklar tabşyrýarlar.

Sagylýan sygyrlaryň we guzlaýan towuklaryň ortaça baş sany hasabat döwründe her aýyň başyna we ahyryna bar bolan baş sanynyň jemini ikä bölmeli.

Çärýekde, ýarym ýyllykda we ýyllykda ortaça baş sany ortaça hronologik formulada hasaplanylýar:

$$X_{or.} = \frac{0{,}5x_1+x_2+x_3+\ldots\ldots+x_{n-1}+0{,}5x_n}{n-1}$$

$X_1$, $X_2$, $X_n$ – her aýyň başyna bar bolan sygyrlaryň we guzlaýan towuklaryň baş sany;
n – seneleriň sany.

“Şertli baş sana geçirilende bar bolan mallaryň we guşlaryň baş sany” – mallaryň we guşlaryň ähli görnüşleriniň ortaça baş sany aşakdaky koeffisiýentlere laýyklykda şertli ölçege geçirilýär:

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. Sygyrlar, tohum we iş öküzleri | - 1,0 | 4. Doňuzlar | - 0,3 |
| 2. Gaýry görnüşli gara mallar | - 0,6 | 5. Gylýallar, düýeler, gatyrlar | - 1,0 |
| 3. Dowarlar | - 0,1 | 6. Guşlaryň ähli görnüşleri | - 0,02 |

**7 bölüm. Maliýe görkezijileri**

Bu bölüm ýylyň jemi boýunça, şahsy kömekçi hojalyklardan başgalary doldurýarlar, ýöne bir aý gijikdirilip berilýär.

01-nji setirde önümi ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmatlary etmekden alnan girdejiler – goşulan gymmata salgydy, aksizleri, şonuň ýaly-da yzyna gaýtarylan harytlaryň gymmatyny, satyn alyjylara satuw arzanlatmalaryny we nyrh arzanlatmalaryny aýyrmak bilen alynmaga degişli (alnan) girdejiniň möçberi görkezilýär.

02-nji setir boýunça kärhananyň hereket edýän nyrhlarynda öndürilen oba hojalyk önümleriniň (işleriň, hyzmatlaryň) möçberine ekerançylygyň we maldarçylygyň önümleriniň jemi gymmaty, şeýle hem, kärhanalar tarapyndan şu ykdysady işiň görnüşleri boýunça eden oba hojalyk hyzmatlarynyň gymmaty goşulýar.

03-nji setirde ýylyň başyndan oba hojalygynda ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) möçberi görkezilýär.

04-nji we 05-nji setirlerde ekerançylyk ulgamyndaky hyzmatlar we maldarçylyk ulgamyndaky hyzmatlar, GBS-i we subsidiýalary hasaba almazdan, hereket edýän nyrhlarda görkezilýär.

06-njy setirde oba hojalyk işi bilen baglanyşykly harajatlar görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**